# Oswensim owazlary / poema

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Oswensim owazlary / poema

OSWENSIM OWAZLARY

▶ SYÝAHATÇYÑ MONOLOGY

Seýil edip giñ jahanyñ ýüzüni,
Müñläp-müñläp harabany gördüm men.
Şol harabañ keseklerniñ hersinde
Dyñzap duran gara dony gördüm men.

Gördüm lýudwikleriñ atan toplaryn,
Gördüm ryçardlaryñ ýakan toplaryn,
Çañyn syryp kakyp gördüm çalaja
Rimli rysarlaryñ söweş depregin.

Gördüm Napolýonyñ täji-tuguny,
Içdim Çud kölüniñ ajy suwuny,
Çüýräp giden pilçelere syn edip,
Tanadym seljuklañ aýsuluwyny.

Sökdüm Isgenderiñ söken çöllerin,
Müñläp leşgerleriñ çeken çöllerin,
Gezdim Çingizhanyñ gezen ýerlerin,
Gylyçly-naýzaly öten şol zaman
Basyrypdyr mazar bilen meñ Ýerim!

Ýuwupdyr gan bilen her bir gatyny,
Gan bilen ýugrupdyr her bir düwürin,
Togalak şar seýil edip älemde,
Ýatladypdyr adamzadyñ guburyn.

Hun hudaýy ýörüdipdir hökümin,
Aryklar damar deý öwsüpdir elwan.
Göwnüme bolmasa, ýeriñ düýbünde

Çaýkanýar henizem deñiz dek şol gan.

Adamlar gezip ýör ganyñ üstünde,
Şäherler gurup ýör ganyñ üstünde,
Tikip ýör, egrip ýör ganyñ üstünde,
Söýüp ýör, dogrup ýör ganyñ üstünde.

Iýip ýör, içip ýör ganyñ üstünde,
Ýüzüp ýör, uçup ýör ganyñ üstünde,
Aşakda çyrpynýan şol gyzyl deñiz
Gün ýaşsa, eşdilýär Şaryñ üstünde…

Gijelerde owaz edýän şol deñiz,
Ýatyranok müñläp-müñläp adamy.
Ýokarsyndan ejap edýän şol deñiz
Bir sowalmy?
Ýa gazapmy?
Nalamy?

Şol deñiziñ kartalarda ady ýok,
Ol deñiziñ gämiisi ýok, saly ýok,
Ýöne weli seýil etseñ jahana,
Şol deñizden sowa geçýän ýoly ýok!

Seýil edip okeany-deryýany,
Nirä ýüzsem şol tolkuna girdim men.
Ol deñiziñ kenarynda oturyp,
Hem asyrlañ beýikligin gördüm men,
Hem asyrlañ nadanlygyn gördüm men.

Hem asyrlañ nadanlygyn gördüm men,
Gylyç salşyp ýadanlygyn gördüm men.
Ýigriminji ýüzýyllygyñ bir güni
Eý, OS-WEN-SIM!
Señ gapyñda aýak çekip durdum men…

▶ SAÇLAR GÜRLEÝÄR

Oswensim boşadylanda onuñ skladlarynda 7 müñ kilogram adam

saçy tapyldy. Müňläp kilo saçlardan Bawariýanyň "Aleks sink" firmasynda mata dokalypdyr. (Kazimir Smolen, "Oswensim, 1940-1945").

♣ M e l e j e  s a ç :

Ejem meni akja gulply legende
Pöwhüldedip her gün suwa düşiýrdi.
Köçä çyksak, göz deger diýip gabanyp,
Ýaglyk ýapyp al-arwahdan ýaşyýrdy.

Uzak gije gujagynda ýatyryp,
Sypalardy,
tow bererdi,
oýnardy.
Ertir turul mekdebime gidemde,
Darap-darap atyr sepip goýbärdi.

Güneş gülüo nur saçardy üstüme,
Baharda öperdi näzijek ýeller.
Gök gümmürdäp, geleninde öýlänçi,
Böküp-böküp edinerdim heziller!

Kakaňky deý buýram-buýram bolupjyk –
Ejem – saçyň ynha öser – diýerdi.
Onsoň, balam, şäherdäki bar gyzlar
Ah çekişip, sen diýp gezer -diýerdi…
Ýadymda-la, ýadymda sen, ejejan…

♣ H u m a ý  s a ç :

Deňze girip tolkun içre ýaýylsam,
Ýoldan geçen durup-durup garardy.
Suwdan çyksam, aýal bary üýşüşip,
– Özüňkimi şu saç? – diýip sorardy.

Bälçireşip obamyzyň oglany,
Maňa mydam "altyn guýruk" diýerdi.
Uzak gije garda garmon çalyşyp,

Jahyl bary gapymyzda buýardy.

Joralarym ýigitleri gabanyp,
Dökerdiler ýürejigniñ syryny:
Adam barnyñ başyn aýlap ýörme-de,
Saýla, a gyz, senem belli birini…

Kenardaky ýigitleriñ gerçegi
Eýesidi meniñ her bir tarymyñ.
Nowbaharda tokaýdaky gülleriñ
Şol ýygyp getirdi gylla ýaryny.

Örümlerme ýaşyl-gyzyl läleleñ
Dakardy şol oglan saýlap gowusyn.
Agşamara aý düşende tolkuna,
Eşiderdim onuñ ýyljak çawuşyn.

Şol dodaklar gyjygymy getiýrdi,
Galpyllardym şol lebleriñ howruna.
Gökde bolsa şamçyrag deý ýyldyzlar
Meñzeýärdi indi dogjak ogluma.

Dodaklar pyşyrdap çawuş çakardy:
Lagylym, göwherim, altynym meniñ,
Daglary ýararyn, ýykaryn ýeri,
El degse ýekeje taryña seniñ…

Ýadymda, söýgülim, hemmesi meniñ…

♣ A k  s a ç :

Institutda studentlerim galdy meñ,
Kitaplarym hem depderim galdy meñ,
Işlenmedik formulalam galdy meñ,
Neresselem, görgülilem galdy meñ.

Käte-käte şeýle hyýal ederdim:
Bir jaýa ýygnasam ýeriñ ýaşlaryn.
Hem ele hek alyp şol juwanlara
Düşündirsem Eýnşteýniñ işlerin.

Düşündirsem şol adamyñ işlerin.
Saçym döksem şol sapagyñ şanyna,
Şujagazy: E – MC2 !
Guýup bilsem şol ýigitleñ añyna.

Guýup bilsem adamlaryñ añyna,
Ömrüm bersem bir sapagyñ şanyna!..

Institutda studentlem galdy meñ,
Kitaplarym hem depderim galdy meñ,
Çözülmedik formulalam galdy meñ,
Neresselem, görgülilem galdy meñ…

♣ M e l e j e,  h u m a ý,  a k  s a ç l a r :

Ah, ine, indi
ýatyrys çüýräp,
Aýdyñ siz, arz edip baraly niräk?!

▶ PEÇ ÝAKÝANLAÑ AÝDYMY

– Haýl Gitler!
– Haýl!
Biz – Ezraýyl!

Ýetmiş ýaşan babany ýakdyk,
Düýn dogan çagany ýakdyk,
Men diýen ärleri ýakdyk,
Ol näzenin hüýrleri ýakdyk,
Seni ýakmak nämemiş?!

O dünýäni görmedige,
O dünýäni görkezeris,
Ot diýlýäni görmedige
Ot diýlýäni görkezeris,

Stanokda ýatyrypjyk,
Geýimlerin sypyrypjyk,
Hol görünýän gyzyl hine,
Kä arkan, kä ýüzinligne

Ýatyrypjyk, gapgararys.
Çapak çarpyp, şat bolarys!
Çapak çarpyp, şat bolarys!
– Haýl Gitler!
– Haýl!
Biz – Ezraýyl!

Süñkler ýansyn gütürdeşip,
Sazak kimin şatyrdaşyp,
Ine, biraz garbanar-da,
Birki bulgur goýberer-de,
Bäş-alty döw kart oýnaşyp,
Kemerimiz berk guşaşyp,
Başlarys biz işimize.

Goý, tüssämiz gögi tutsun,
Ýeri tutsun,
Dagy tutsun!
Generalmyz hoşal bolup,
Biziñ ýakan pejimizden,
Ýene birjw haçjagazy
Daksyn biziñ döşümize!

Gündogara, Günbatara,
Okdurylsyn tanklarymyz,
Gan çaýkansyn ýer ýüzüne
Biziñ şanly polklarymyz,
Şol ýeñişe sowgat bolsun
Şu gün ýakjak süñklerimiz!
– Haýl Gitler!
– Haýl!
Biz – Ezraýyl!

Hawa, biraz garbanypjyk,
Başlamyzda öjümize,
Petde-petde maslyklary
Depişdirip pejimize,
Dykarys-da,

Hol kitapdan
Öçüreris nomurlary,
Sowurarys onsoň ýele
Küldür gara kömürleri.
– Haýl Gitler!
– Haýl!
Biz – Ezraýyl!

Londonly şofýory ýakdyk,
Krakowly montýory ýakdyk,
Afinaly jahyly ýakdyk,
Aşgabatly şahyry ýakdyk,
Puşkini, Tagory ýakdyk,
Müňläp gelen wagony ýakdyk,
Seni ýakmak nämemiş?!

■ DAR AGAJYŇ AŞAGYNDA OÝLANMAK

Oswensimde baş galdyrjak bolanlar gezme dar agajynda asylardy. Ol köplenç kuhniýanyň öňünde durardy. (Kazimir Smolen. Oswensim, 1940-1945).

Hoş adamlar.
Razy boluň.
Sag boluň.
Ynha, meňem geldi soňky
Pursadym…

Ah, oglanjyk!
Nirededir yglap ýören oglanjyk,
Bir dilegim
Sen ulalyp şu zatlaryň barysyn
Göz öňüne bir getirip görsediň!

Hanha, bulutlaryň çeti gyzaryp,
Äpet güneş dogjak-dogjak bolup dur.
Men saňa galdyrýan şony, oglanjyk,
Sen säher şol güni ýüze sylyp tur.

Bulutlaň astynda şol güne tarap
Geçip barýar setir-setir durnalar.
Men saňa iberýän şony, oglanjyk,
Dirilere gymmat sowgatdyr şolar!

Durnalaryň aşagynda gök meýdan…
Yrgyllaşýar gülälekleň pyntygy…
Men saňa iberýän şony, oglanjyk,
Bilsin diýip bu ölýänleň kimdigin.

Howwa jijim, ondan bärsem demir sim,
Simiň öňem hatar-hatar bendiler.
Gundag bilen, niller bilen itekläp,
Olaň baryn ýaňy sürüp geldiler.

Olar maňa seredişip dur ine,
Sömmeldişip uzyn-uzyn süňklerin.
Gözlerine ýazylypdur ykbaly
Fransuzyň, polýagyn hem türkmeniň.

Töwerekde bolsa sary pagonlar,
Saýgylaýar başyn aşak salany.
Howwa jijim, bular ölşün görmeli
Oswensimde göreş üçin galanyň.

Görmeli-de şondan sapak almaly,
Oswensimde goýun ýalak bolmaly.

…Oýunbazlyk, bu tomaşa ne derkar?!
Men eşidýän bu gerçekleň gursagyn!

Ah, oglanjyk!
Nirededir ylgap barýan oglanjyk,
Sen ulalyp şu minudy bir ýola
Göz öňüne getirip bir görsediň!

Sen ulalyp, şuňa düşnüp bilsediň,
Haklasadyň şu durnalaň sargydyn…
Ýer ýüzünde birje faşist galaýsa,

Ah, oglanjyk, ahmal bolma, yrgadyr!

Aňsat däldir Ýeri gorap saklamak,
Aňsat däldir sargydymyz haklamak!
Berk bolgun.
Mert bolgun.
Ýaşagyn
oglan!
Iňkisli ölmesin
senden öň doglan.

Sary baýyrlarda, ýaşyl gyrlarda
Biz ýigit çykmankak ölýäs seň üçin.
Sen ýigit çykarsyň… gojalarsyň sen…
Saňa gözüm gidýär… Ýaşa şoň üçin!

Çäge bilen, batga bilen basyrnyp
Biz bu gün gidýäris müdümi Uka.
Ýöne jigim, wehimi ýok, ölmegiň
Göz öňümde uzaklarda sen durkaň.

Ýok, ömrümden ahmyrym ýok şoň üçin,
Umytlarym paýrap galjak tohumdyr!
Seniň nirededir barlygyň üçin
Bu gün biziň ölmegimiz möhümdir…

Hawa, jigim, edil häzir ikimiz
Oturan bolsadyk gök çaý başynda,
Seni kepderi dek oturdyp dyzda,
Gür biýrdim entegem köp zat hakynda.

Gür biýrdim dyrnaklaň çekilşi hakda,
Gür biýrdim iňňeleň sokulşy hakda,
Gür biýrdim, oglanjyk, seniň boýdaşlaň
Ajyndan çişişip ýykylşy hakda.

Zeýli zyndanlardan gür biýrdim saňa,
Gamly daňdanlardan gür biýrdim saňa!

Sebäbi bilýärin parahatlyk bor.
Toý bolar. Burk urar çemenleň ysy.
Bilýärin. Aç-açan görýärin şony.
Ýöne soňra neneňsi bor şoň yzy?

Bu gün dünýä ajal saçýan gök niller
Şonda-da bir ýerde durarmy busup?
Ýa bir gün arkaýyn dem alyp zemin,
Taşlarmy şolary eredip-kesip?

Men senden soraýan şony, oglanjyk,
Toplar durjak bolsa toplara derek,
Taňklar durjak bolsa taňklara derek, –
Men senden soroýan şuny oglanjyk, –
Onda meň ölmegim aýt, nämä gerek?

Sen maňa jogap ber gel-de şu ýere
Gelniň bilen
Ençe ýyllar geçensoň,
Sen maňa jogap ber, näm bolar onsoň?
Bu gün dünýä ajal saçýan gök niller,
Şonda-da durarmy bir ýerde busup
Ýa bir gün arkaýyn gerinip zemin,
Taşlarmy şolary eredip-kesip?

Aňsat däldir ýeri abat saklamak,
Aňsat däldir wesýetleri haklamak.
Berk bolgun. Mert bolgun. Ýaşagyn, oglan!
Ýaşaman, göreşmän gubura girseň,
Tüýkrip geçmesin senden soň doglan!

…Howwa, jijim, halka gelýär sallanyp,–
Ynha-da, ol meni penjesne salýar.
Meň bolsa şu pursat şeýle bir zatlar
Kino lentasy dek göz öňüme gelýär:

Öňi apbasyly gumly gelinler…
Mäläp bökjekleşýär guzydyr-owlak…
Ah, oglan, ne gözel ýurtdyr o ýurtlar,

Sebäbi o ýurtlar… o ýurt-lar… oglan…

■ ÝAŇ

Men ýaňlanyp giň jahana inemde,
Başatar tisginip, mäşe gysyldy.
Men ýaňlanyp giň jahana inemde,
Bir ynsan süýndi-de, ýere ýazyldy!

Burum-burum ýolly hüýt gara nilden
Yzyma ok tirkäp ýagta çykdym men.
Onsoň hudaý boldum güniň astynda,–
Öňümden çykany serpip ýatdym men.

Niçe ýyl kemdim men ýeriň ýaşyndan,
Million-million gubur daşyn döretdim.
Men ýeriň arassa beýik alnynda
Ömür iýýän düwnük-başy döretdim.

Men döwrüň namysyna el gatdym,
Men döwrüň beýikligine el gatdym.
Men döwrüň ap-ak saçly alymyn
Çaga deýin hamsykladyp aglatdym.

Golaklary, çolaklary döretdim,
Ýarysy ýok ýürekleri döretdim.
Tylla ýeriň öňki tylla goýnunda
Men gözýaşlar okeanyn ýaratdym!..

Uçup ýörüp indi älem-jahanda!
Ynsmyka-jynsmyka meni ýaradan?
Uçup ýörün indi hökümdar bolup
Kuýaş bilen goja zemin arada!

Şaňňyrdadyp şäherleriň aýnasyn,
Müňläp gapylary bat berip urýan,–
Sesim eşden ukudaky adamlar
«Häh» diýip şol wada ukudan turýar.

Galgadýar her ýana pişeklerini,

Eli barlar galgadýarlar ellerin…
Ýöne welin pişek bilen
el bilen
Urulanym bilen
nädip öleýin?!

Meni çala-çula kakanyň bilen
Ne-hä aglaýan men,
ne-de bir gülýän.
Sährany, deňizi seýil edip ynha
Men ölmüm gözleýän –
Ölüp bilmeýän…

■ EPIZOD

«1961-nji ýylyň maýy. Nýu-Ýorkuň etegindäki kinoteatrlaryň birinde Erwin Leýzeriň «Maýn kamf» filmi görkezilýärdi. Ekranda Oswensimiň derwezesinden çykyp barýan azat edilen çagalar peýda bolanda, «Bu-men, «Bu men» diýip, zalyň içinde aýylganç ses ýaňlandy. Gygyran adam çaşdy. Çyrany ýakdylar. Ol Nýu-Ýorkda ýaşaýan dükänçy bolup çykdy». (Warşawada polýak dilinde çykýan «Pşekruý» (Obozreniýe) žurnalyndan).

Ekran gaýyp bolup,
daraldy dünýä,
Çar tarapa gara simler çekildi, –
Ol gözün ýumdy-da, duran ýerinden
Aýylganç gygyryp arkan ýykyldy!

Beýni gaýyk deýin çaýkanyp gitdi, –
Çyrpyndy dartylan damarlaň gany,
– Auşwis! Auşwis! – gamçy deýin
şarpyldap
Ýaňlandyrdy ak mermerli ak zaly.

Auşwis! Auşwis! O patri! O ma!
Goraýan dek daldalatdy elini.
Soň bolsa ak köpük gelip agzyndan,
Bir sekuntlyk kesdi onuň demini.

Uzyn jentelmenler turdy ýerinden,
Pasyrdap galdylar näzik lediler.
O, piti! O, piti – Bu ne sentiment! –
Ložadan, parterden düşüp geldiler.

Geldi gara smokinli bankirler,
Geldi juw-ak ýubkalyja jelepler.
Gözleri gubarly bitnikler geldi,
Geldi terkidünýä dünýä beletler!

Diýdiler:
– Ou!
Bu ser
ýeser ýumorist.
– Seriň ukyplary üýtgeşik örän.
Diýdiler:
– Ou! Ýatyr bagtly adam!
– Ýerin bilse, şeýle ukyp pul duran!

Pyşyrdady gyzyl saçly kempirler:
– Ah, açlykdan bulanypdyr ýüregi!
Diýdiler:
– Düşnükli. Bu täzelik däl,
Işjagazdyr ýatak jaý müň geregi.

Bagyşlaň, lediler hem jentelmenler! –
Ýaňlandy giň zalyň beýle çetinden.
Misli togarlanyp geldi hojaýyn:
– Bagyşlaň. Şähere habar etdim men.

Haýyşym: üns bermäň bujagaz waka,
Öýkeläýmäň, sabyr ediň sähelçe.
Özüňiz bilýäňiz, soňky döwürde
Kakynlylar köpelipdir şäherde.

…Onsoň mäşyn geldi.
Polisiýaň maşyny.
Äkitdiler biçäräni göterip…
– Bagyşlaň, lediler hem jentelmenler,

Kino görüň, ýeriňizde oturyp.

Myçýar maşyn, şapyrdaýar tigirler
Ýüz bir gatly binýatlaryň astynda.
Myçýar maşyn, nokat bolup görünýär
Äpet-äpet köprüleriň üstünde.

Ol ýatyr…
Öňünde demir gözenek.
Demir kilik bilen demirden petle…
Ol ýatyr.
Ynha-da göznüň öňünde
Birden peýda bolýar sap-sary itler.

Birden peýda bolýar sap-sary itler.
Dillerin sallaşyp seredýär oňa.
Kebzesine bolsa tüpeňin dürtüp
Faşistler gygyrýar: «Şnel, şnel!
Öňe!..»

…Maşyn bolsa Nýu-Ýorky böwüsip,
Egri köçelerden zyrmyrlyp barýar:
«MÝUZIK-HOL»,
«ÇA-ÇA-ÇA»

«Täze portsigar!»…
Ol ýatyr.
Ol diňe ýekeje zady, –
Şol uzak, şol otly lageri görýär…

Onuň deň-duşlaryn hatara durzup,
Geçirýärler ynha, ýüpüň astyndan.
Ýüzläp çaga…
Ýüpe boýy ýetmedik?
Ýakylmaga iberilýär dessine.

«Ah, ejejan, sag bol, eje, goýnuňdan
Ýaradanyň üçin uzynak ogly!
Şol dartylan ýüpden pes gelen bolsam,

Şo sagat ölüme giderdim dogry.

Sag bol, eje, sag bol, ene her agşam
Ýadaman öwreden sazlaryň üçin.
Sag bol, perde tutan elleriň üçin,
Sag bol, öwütleriň, sözleriň üçin…»

Oňa zyndan sazandasy at berip,
Sazandarlaryň arasyna goşdular.
Pskowly garmonist, Oşly deprekçi,
Turbaçy, gitarçy – bäş boýdaşdylar.

Her gün daňdan daň ýyldyzy ýas tutup,
Oswensime göz ýaş bilen bakanda,
Ol sekiň üstünde gyjak çalardy
Bendileriň hatarlary hakynda.

Ol gyjak çalardy… Agaç paşmyklar
Şakyrt-şakyrt… ses ederdi dyngysyz! –
Bulut deýin süýşüp barýan bendiler,
Öňi-ardy bilinmez bir silmi siz?

Nirde galdy siziň dogduk depäňiz,
Nirde galdy çagaňyzyň gülküsi?
Bulut deýin süýşüp barýan bendiler,
Şakyrdaşyp gelýän sansyz süňkmi siz?!

Kiprliler, parižliler, oşlular,
Moskwalylar, pragalylar, rimliler,
Gaçyň, doganjyklam, dünýä jar ediň, –
Biz bilmesek Oswensimi kim biler?!..

Gyjak gyýyp gidýär ala-daňdany,
Bendiler hatary çala yranýar.
Tokly sime düzlen tikenler
Häzir elhenç nota bolup görünýär,

… Maşyn bolsa ýylçyr syrtly
«fortlaryň»,

«Jipleriň» deňinden zyrmyrlyp barýar.
«Koka-kola»!
«Ku-klus-klan!»
«Täze bar!»,

Ol ýatyr.
Ol diňe ýekeje zady,
Şol uzak, şol uzak ýüzügi görýär.

Ynha, onuň köp hünärin makullap,
Maýor oňa «zergär sen» diýip seredýär.

Zyndan zerhanasy.
Zergär ýaşuly
Hem zergär ýigdekçe altyn eredýär.
Goşawuçlap ýaldyrawuk dişleri,
Tylla ýüzükleri
Göweje atýar:
Ýüzüjek, ýüzüjek sen haýsy gyza
Haýsy gelne berilipdiň ýadygär?

Haýsy deňziň, haýsy derýaň boýunda
Şol juwan barmaga dakdylar seni?
Haýsy ýurduň, haýsy ýigidiň toýunda
Käsäniň düýbünden tapdylar seni?

Haýsy daglaň, haýsy baglaň içinde
Galdy siziň şol ömürlik taýyňyz?
Üç gün öňmi
Üç aý öňmi, üç ýyl öň,
Bolup geçdi ham-huýally toýuňyz?!..

Garry zergär bakyp her bir ýüzüge
Ýüzündäki ýazgylary okaýar:
– O, «Mari», o, «Afel», o, «Maýýa», o,
«Žeýn».
O, «Leýla!» o, «Adel!»
– Başyn ýaýkaýar.
-O, Pariž, o, Sena, gitdi geliniň!

O, Rostow, o Wolga, ýakyldy ýaryň! –
Ol ýeke-ýekeden göge galdyryp
Taşlaýar göweje ýüzükleň baryn…

Agşam bolsa portfelini dolduryp
Getirýär ofiser täzejelerin.
Lagl daşly, merjen daşly ýüzükden
Ysy gelýär ýaňja sowan jesediň.

Ysy gelýär ogurlanan temmäkiň
Kiri açylmadyk gyzyl dişlerden,
Ysy gelýär ýuwa bilen ýelmigiň
Göweje dökülýän düzüm dişlerden.

«Eý, hudaýym, şu faşistden başga-da
Ýer ýüzünde diri adam barmyka?
Şagyrdaşyp ýatan şu dişleň baryn
Daň atýança eridip bir bormuka?!»

… Maşyn birden çaýkanýar-da gapdala,
Çyranyň astynda säginip durýar.
«Wýetnam-bes!»
«Gaýtaryň oglum!»
«Halk» Dynçlyk» diýýär»!..
Ol ýatyr.
Ol diňe ýekeje zady
Şol uzak, şol uzak injili görýär.

Şol injili niçe ýyldyr ýygşyryp,
Niçe gezek açypdyr oň gatyny
«Ysa pygamberiň ýazan sözleri
Açmalydyr her adamyň bagtyny».

Çagajykka ony buthana eltip,
Şeý diýerdi gulagyna ejesi.
Ol medet gözlärdi köne injilden,
Oswensimiň ajal ysly gijesi.

Şeýdip tutdyrdy ol şonda maýora.

Şeýdip iberildi başga wezipä, –
Isus Hristus, ýagny, Ysa aýdypdyr
Näme düşse görmeli diýip nesibä…

Ýöne weli pygamberleň hiç birem
Bilmejek ekeni bir zady dogry,
O zady ýedi gat ýeriň üstünde
Dogurypdyr Gitler atly it ogly!

Ony maslyk brigadasyna äkidip
Görkezdiler täze işgär hökmünde.
(Adamzat, adamzat, niçe maslygyň
Galdy güne çişip şonda her günde).

Ynha, şakyrdaýar agaç paşmaklar,–
Işden gelýär bendileriň düzümi.
Maslyk brigadasy edil şol sagat
Işe çykýar, gijä tutup ýüzüni.

Barýar olar arabasyny sürüşip,
Ýygnamaga çölde galan maslygy,
Suwda galan, çölde galan maslygy
Ýetibilmän ýolda galan maslygy.

Ýatyr maslyk kömelek dek her ýerde
Güberlişip, yslanyşyp, çişişip.
Maslyk brigadasy haýdap işleýär,
Çölde dag döreýär maslyk üýşüşip.

Onsoň arabalar gaýdýar jygyldap, –
Sagyňam maslyk, soluňam maslyk…
Üstüňem maslyk, astyňam maslyk,
Daşyňam maslyk, ýoluňam maslyk,
Ýatyr olar watanyndan uzakda
Üstünden geçilip, üstünden baslyp.

Maslyk giden ganawlaryň içleri…
Olar ynha, benzin sepýär her ýana.
Bir minutdan düýpsüz ganaw gürpüldäp,

Gara ýalyn göterilýär asmana.

Gara ýalyn göterilýär asmana,
Gözüň garaňkyrap, dünýäň darygýar!
Ofiserler çasly-çasly gygyrýar!
Ganawda parkyldap maslyk ýarylýar!

…Maşyn sakga durdy jaýyň agzynda.
Gapy açyldy. «Standap» – öňe saldylar…
«Oswensim, Oswensim» – pyşyrdaýar ol
Birden gyzyp, birden-birden galdyryp.
Nobatçylar sorag edýär oturdyp:
– Adyň näme?
Familýaň?
Çaltrak!
«Oswensim, Oswensim» – pyşyrdaýar ol,
Birden gyzyp, birden-birden galdyrap.

Baş nobatçy gaýtalaýar soragy,
Bir-iki sekunt haýran galyp, aljyrap.
«Oswensim, Oswensim» pyşyrdaýar ol,
Birden gyzyp, birden-birden galdyrap.

«Oswensim»? – Mölerilýär nobatçy,
Dodagyn çöwürýär, gysýar kibtini.
– Jon, Joni! – gygyrýar ol ýoldaşyn, –
Sen bilýämiň Oswensimiň kimdigni?

– Oswaldmy?
– Oswensim!

Jon kagyzlardan başyn göterip
Galam bilen ýeňsesini gaşaýar:
– Şol, walla, aktrisa bolaýmasa, Bob…
– Aý ýog-a!
Ýekemi? Nirde ýaşaýar?..

■ MEN – OSWENSIM

Men – Oswensim. Men Polşada ýaşaýan!
Unudylsam,
men şonça-da ýatlaýan.

Meni bir müň adam unutsa bir gün,–
Biri bir müň gezek ýatlaýar şol gün.
Meni süňňüm ýaralanlar ýatlardy,
Meni öňki generallar ýatlardy.

Meň göwnüme neşter bolup dikilip,
Meň üstümde haçyn ýaýan şol baýdak.
Bu gün çykmasa-da jaýyň üstüne,
Bilýärin men, asylgy dur köp öýde.

Meň göwsüme çüýün basan ädikler
Bu gün aswalt şäherlerde gezip ýör.
Olar bir tom ýatlamasyn çap edip,
Ikinjisin hyruç alyp ýazyp ýör.

Olaň öňki pagon dakan egnine
«Sabyr et» diýip kakýar bu gün dostlary
Olaň öňki postlarynyň ýerine
Hödürlenýär ministrlik postlary.

Olar meň hamymdan tikilen gapjyga
Salýar pensiýasyn, – marka – dollaryn.
Olar ap-ak telefonyn göterip,
Ýatlaşýarlar maňa barýan ýollary.

Men – Oswensim!
Dört million ýüregiň
Kiçijik obada ýatan mazary.
Men – Oswensim!
Indi dogjak neslim
Unudyp bilmez menden ýetjek azary.

Gözýäş bilen, neşter bilen, ok bilen
Eleme deşikdir meniň ýagyrnym.
Üstüme köz bolup gaçan gözýaşlar

Ýakandyr ak saçly ýeriň bagryny!

Mende ýanan adamlaryň külleri
Şemal bolup ilden-ile uçup ýör.
Sen bir gün ir bilen çyk-da meýdana,
Bir minut dem alman meni ýatlap gör.

Mende gaýnan adamlaryň al gany
Gara tüsse bolup siňdi asmana.
Gunça titräp ýagyş gelse baharda,
Şolaň ganam damýar şonda meýdana…

Men – Oswensim.
Meni öňki ýaralanlar ýatlaýar.
Meni öňki generallar ýatlaýar…

Men-Oswensim!
Mende ýatan dört million ak ýürek
Bu gün ýer astynda gygyrýar ine:
– Adamlar, oýlanyň!
Ýeriň ykbaly
Bu gün özüňiziň
eliňizde diňe! –
Oýlanyň!
Oýlanyň!
Oýlanyň ýene!!!

■ SYÝAHATÇYNYŇ SOŇKY MONOLOGY

Seýil edip ýene jahanyň ýüzün, –
Ýüreklerden ýüreklere akýan men,
Diri beýnilerden beýnä at salyp,
Göreçden göreje girip çykýan men!

Akýan jahyllaryň hem-de çagalaň
Yzarlap damarda gyzgyn ganyny,
Hem gojalaň ukusyndan ötýärin
Sanap şolaň ak saçynyň sanyny

Aşyklaryň posasyna seýil edip,
Ýuwaş-ýuwaş geçýän bäbekhana men,
Terezide akja bäbek çekilýär,
Gonup geçýän şol terezä-jama men!

Ynha, terezide Kiýewli bäbek!
Bäbek çekýär ine, Pariž hem Kair!
Siňe baksaň terezide bäbek däl! –
Onda Ýer Şarynyň geljegi ýatyr!

Ýatyr Terezide meniň şu Günüm!
Terezide ýatyr seniň şu Günüň!
Ýatyr munda älem-jahan Ertiri!..

Howlugýan, gyssanýan ine, şoň üçin,
Zeminden at salýan ýene şoň üçin,–
Ýetişmeli!
Ýetişmeli Seň üçin!

Oswensim – Aşgabat, 1965 ý.

Annaberdi AGABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy.

Poemalar